Ünsüň we ýadyň psihikanyň umumy häsiýetnamasy hökmünde aýrybaşgalygy olaryň ikisiniň-de ähli beýleki psihiki hadysalaryň döreýşine, hereketlenişine we dolandyrlyşyna şert bolýandygy bilen baglanyşyklydyr.

Ünsüň psihiki häsiýetnamasyna berilýän kesgitlemeleriňbir ugry ony aňyň ähli beýleki zatlardan sowlyp, barlygyňbelli bir obýektlerinde saklanmagy häsiýetde berýän bolsa,beýleki biri onuň psihiki hadysalaryň hereketlenişiniň takyklygyny, aýdyňlygyny, işjeňliligini, netijeliligini üpjün edýän mazmun görnüşinde häsiýetlendirýär. Nazaryýetleriň üçünji biri ünsi psihikany, aňy,öňki mazmunyndan saplap, ony bitarap ýagdaýa getirýän gurluş görnüşinde kesgitleýär.

Döreýşinde ruhy güýjüňsarp edilişiniň derejesine laýyklykda ünsüň erksiz, erkli we erkden soňky üns görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Erksiz üns–adamyň haýsydyrbir zady kabul etmek dogrusynda ýörite maksat-niýetiň bolmazlygynda, obýektiň duýdansyzlygy, güýji, hereketlenip başlamagy, gyjyndyrjylaryň özara çaprazlygy ýaly häsiýetnamalary esasynda döreýär. Obýekte gönükdirilmek we onda saklanmak esasan onuň agzalan häsiýetleri esasynda amala aşyrylýanlygy üçin ünsüň bu görnüşinde erkli güýçsarp edilişiň tygşytlylygy döreýär.

Erkli üns–obýekte aňly dolandyryşly gönükdirilmeklik bolup, ol daşky ýa-da içki maksat arkaly ugrukdyrylýar. Ünsüň bu görnüşinde goýlan maksadyň işjeňligini goldamak hem-de onuň ugrukmasyny bökdeýän gapdal täsirden sowulmak zerurlygy adamdan erkli güýçsarp edilişi talap edýär. Şonuň üçin ünsüň bu görnüşiniň netijeli işjeňligi ortaça 20 minut hasaplanýar.

**Keremgeldi ABDYLLAÝEW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены